# Soňky 15 ýylda 777 sany ýaş gyz öz janyna kast etdi!

Category: Kitapcy,Medisina,Publisistika
написано kitapcy | 24 января, 2025
Soňky 15 ýylda 777 sany ýaş gyz öz janyna kast etdi! SOŇKY ON BÄŞ ÝYLDA 777 SANY ÝAŞ GYZ ÖZ JANYNA KAST ETDI!

Türkiýäniň Respublikan Halk partiýasynyň (JHP) başlygynyň kömekçisi we Stambul şäheriniň halk deputaty Akkuş Ilgezdi «Geçiren barlaglarymyzyň netijesi AKP häkimiýeti döwründe 53 müň ildeşimiziň öz janyna kast edendigini, bularyň 777-siniň 15 ýaşdan aşakdaky ýaş gyzlardygyny görkezdi» diýdi.
JHP-niň halk bilen gatnaşyklar, saglyk, medeniýet we sungat boýunça jogapkär işgäri Akkuş Ilgezdi beren beýannamasynda soňky ýyllarda ýurtda öz janyna kast edýänleriň endişe beriji mukdarda artýandygyny belläp geçdi.

- **19 ÝYLDA UMYDY ÝOK ETDIŇIZ»**

Pandemiýanyň we ykdysady krizisiň döreden kynçylyklary sebäpli ildeşleriniň ölmän il şekilli ýaşamak üçin aýgytly göreşe girendigini aýdan Ilgezdi «19 ýylda umydy ýok etdiňiz. Edilmejek näme bar bolsa etdiňiz. Adamlaryň öz eli bilen ömür tanaplaryny ýolmalaryna sebäp bolduňyz» diýdi.

- **AKP HÄKIMIÝETINDE ÖLÜMLERIŇ ÖŇI-ARDY GÖRNENOK»**

JHP-li Akkuş Ilgezdi häkimiýetiň öz janyna kast etme wakalaryny bolaýmaly zat ýaly kabul edýändigini nygtap, «24 ýaşly Ihsan Bekkaýa işsizdi. Ol ölümiň üstüne ýöränden «umydymyzy ogurladyňyz» diýip ýazypdyr. «Tiz kömek» medisinasynyň tehnigi Ömer hem şeýle. Onuň soňky sözi «Ýaşamany oňarmadym» boldy. Uniwersitetiň talyby Muhammediňem ertire bolan hiç hili ynamy ýokdy. Ol 23 ýyllyk gysgajyk ömrüni öz eli bilen soňlandyranda agzyndan «Oňaramok» diýen söz çykdy. AKP häkimiýetinde ölümleriň öňi-ardy görnenok»

diýip, çykyş etdi.

**• 15 ÝAŞDAN AŞAK 777 GYZJAGAZ ÖZ JANYNA KAST ETDI»**

«Türkiýede soňky 19 ýylda bolup geçen öz janyna kast etme wakalarynyň 100-den 3-iniň pidasy 15 ýaşdan kiçiler. Bu neresse çagajyklaryň 100-sinden 53-i gyz çagajyklar» diýen partiýanyň başlygynyň kömekçisi Gamze Akkuş Ilgezdi «15 ýaşdan kiçi 777 gyzjagaz öz janyna kast etdi» diýdi. Bu çagajyklaryň näme sebäpli öz janyna kast edýändigini seljermegiň örän wajypdygyny ýaňzydan Akkuş Ilgezdi «Çünki eksplutatirlemek (istismar) artýar. Öýde bolýan zorluk-sütemler temmisiz galýar. Kämillik ýaşyna ýetmedik ýaş gyzlary (zorluk bilen) durmuşa çykarýarlar» diýip, çykyş etdi.

19.07.2021 ý.

http://www.medya14.net/haber/amp/6318 Publisistika